**BEKI SEÝTÄKOW**

# D E R Ý A D A

**Hekaýa**

**I**

Dem almaga howa ýetmeýärdi. Biz myhmanhanadaky otagymyzyň gapysyny, aýnalaryny giňden açdyk. Azajyk-da bolsa howanyň hereket etmegini, şemalyň öwüsmegini göwün arzuw edýärdi. Hammamdan çykan ýaly bolup, jaýyň ortasynda gara dere batyp duran Annaberdi:

— Tamyň diwaryny aýyrsaňyz-da geljek zat ýok, onuň üçin azara galman, gowusy derýa boýna gideliň. Belki, ol ýeriň ýagdaýy gowurakdyr. Men eýýäm polotensamy çalşyrmasam bolanok. Ýogsam, muny ýaňyja elime alypdym — diýdi.

Bu maslahat maňa-da, biziň üçünji ýoldaşymyz Mämmetdurda-da ýaraman durmady.

— Gogolyň pomeşigi ýaly gün batýança, suwa girip otursaňyz-da men bar. Gideliň. Derýa däl, men-ä deňze-de gitmäge taýýar. Barybir bu gün bize garaşyp duran iş ýok — diýmek bilen, Mämmetdurdy geýnip başlady.

Biziň köwüşlerimiz-de, geýimlerimiz-de gyzgyn pejiň içinden çykarylan ýaly gyzypdy. Geýnenimizden soň, ýagdaý öňküden-de agyrlaşdy. Ýürek hopugyp, gözümiz garaňkyrady. Demimiz içimize sygmaýardy. Biziň şu wagtlar birje arzuwymyz bardy: her birimiz kelle ýaly buz ýuwdup, onuň bolsa içimizde yzygiderli eräp durmagyny isleýärdik.

Köçäniň ýagdaýy jaýyň içindäkiden-de erbetdi: asfalt alan hamyr ýaly ýumşapdy, mylkyldap ýatyrdy. Köçedäki maşynlar rezinleriniň nagşyny yzlarynda galdyryp, agras ýöreýärdiler. Agaçlar köp miwe getiren erik bagy ýaly başlaryny aşak egip oturýardylar, olaryň tozanly ýapraklary kyrkgünlük ýaly saralyp görünýärdi. Adamlar duluklaryny ýyldyradyp, kölegäniň goýudan-goýusyny agtarýardylar. Şäheriň depesindäki äpet gün has aşaklap, bürünç jam ýaly gyzaryp durdy.

Asfalt gutardy. Köçäniň gelşigi gaçdy. Öňümizde perde bolup duran tozan diwary gozganmaýardy. Adamlar onuň aňyrsyndan girip, bärsinden çykýardylar. Biz hem onuň bärsinden girip, saçymyzy “gyrawladyp” aňyrsyna çykdyk.

Uniwersiteti ýaňy gutaran, ýaş, orta boýly Annaberdi-de, inçe burunly, inçe ýüzli, agaç et Muhammetdurdy-da şahyrdy. Emma olaryň häzirki görnüşlerinde hiç hili joşgun ýokdy. Mämmetdurdynyň deri çykyp gutarypdy. Ol indi bir zat sorasaň, jogap bermegiň ýerine ýüzüňe serederdi-de, agzyny açaýardy. Mejaly gaçypdy. Hemmämiziň aýagymyz agralypdy, daş baglanan ýalydy. Annaberdi Puşkiniň “Gyş” diýen goşgusynyň birinji oýnamyny okady. Munuň özi ýükümizi bir azajyk ýeňleden ýaly etdi. Azajyk-da bolsa göwnümizi aldady. Emma uzaga çekmedi. Töwerekdäki hakykat goşgudan güýçlüräkdi. Biz garly sowuk şemally ýanwar

hakynda arzuw edýärdik. Biz gary göz öňüne getirmäge synanýardyk, emma bolmaýardy. Ol ýadymyza düşen badyna hyýalymyzda eräp gidýärdi.

Derýa boýuna gelmek bilen dünýä täzeden inen ýaly bolduk. Suwa düşülýän saý ýere baryp, derrew özümizi suwa urduk. Hezil etdik. Soňra içki geýimlerimizi çalaja sykyşdyryp geýindik. Alabeder bir şekile girip, pristanyň naçalniginiň kabinetinde peýda bolduk.

Naçalnik biziň öňümizde çaý goýdy. Derýa durmuşyndan gürrüň bermäge başlady. Geýimlerimiz öl-suwdy, onuň üstesine-de çaý içip derledik... Umuman, ýagdaýymyz gaty düşnüksizdi. Her kim köne dertli ýaly bugaryp oturýardy.

Bize üç adamlyk motorlyja gaýyk, ony sürüp bilýän adam gerekdi.

Naçalnik goňşy otagdaky sekretaryny çagyrdy. Ol ýok eken. Şonuň üçin onuň özi golaýdaky bir tama gidip gelmeli boldy. Onuň aýaklary kelteden ýogyndy. Naçalnigiň gujurly görnüşi bardy.

## II

Ýagdaý bütinleý üýtgeşdi: derýada ýuwaşja, salkyn şemal öwüsýärdi, motorly gaýyk çalt gidýärdi, bu çaltlykdan ýaňkyja şemal güýjeýärdi. Keýpimiz kökeldi. Adam begenende diline bat berýär, göterimli sözler tapýar. Emma biziňki tersine bolup çykdy: biz bu ýagdaýa şeýle bir begendik weli, sözlemäge söz tapman, biri-birimiziň ýüzümize seredip ýöne: “weýt-weýt” diýip otyrys.

Jeýhunyň eredilen altyna meňzeş mele suwy bütin gözýetimi tutup, çalaja tolkunyp ýatyr. Ilerimizden gamyşlyk kenar görünýär. Gündogar bilen günbatardan hiç zat görnenok. Derýanyň bu iki tarapy gözýetimde asman bilen birigýär.

Suwuň ýüzi poluň üsti ýaly tekiz, ýuwaşja şemal ony emaý bilen sypalaýar, şunuň netijesinde bolsa kiçijik örküçler emele gelýär. Biziň gaýygymyz örküçjikleri ýaryp geçmek bilen olaryň müňüniň, millionynyň başyny bozýar, güýçli tolkunlar emele getirýär. Suw guşlary uzyn ganatlaryny oýnadyp aşak inýärler, gyzyl injikleri bilen kiçijik tolkunlar emele getirip, ýene-de uçup gidýärler. Çuň ýerlerde suw gaýnap duran ýaly bolup görünýär. Diňe şu zatlar bolmasa, derýa günüň şu wagtynda gaty parahat görünýär. Garagumuň tekiz, çägelik ýerlerini ýadyňa salýar.

Ahally Mämmetdurdy her goşgusynda diýen ýaly Amyderýanyň waspyny etse-de, “janly” derýany birinji gezek görýärdi. Onuň owadan gara gözleri giňden açylyp, töwerege galawutly seredýärdi, bu gadymy suw dünýäsiniň ähli syrynyň bütin gözelliginiň, onuň ajysynyň-süýjüsiniň bir bada aňyrsyna ýetmek isleýän ýalydy. Derýanyň beýik, haýbatly görnüşi onuň sussuny basdy. Häzir onuň dilinden gözi kän “gepleýärdi”. Onuň bar ünsi, ähli bolşy derýa berlipdi.

Jeýhunyň gamyşly, jeňňelli kenarlarynda önüp-ösen Annaberdi özüniň “dogduk depesine” gelipdi. Ol ör turup, döşüni şemala tutup, gündogara, Kerki taraplaryna äňedýärdi, özüniň “dogduk depesini” agtarýardy.

— Eger gözýetim sähel aňyrrak süýşse, şu ýerde men size ýaşkam suwa düşen ýerlerimi görkezerdim — diýip, şahyr hyýallanýardy.

— Aý, ýog-a? — diýip, Mämmetdurdy gözlerini giňden açyp, haýran galyjylyk bilen oňa seredýär. — Oglan ahyry, heý, muňa-da düşüp bolarmy? Ýalaňaçlanyp bu derýa özüňi oklamak – öz janyňa kast etmek bilen deň ahyry!..

Bu wagt geň bir zat ýüze çykdy: biziň gämide bardygymyza, ýokdugymyza çigit ýalyjak ähmiýet bermän gelýän gämiçi, Mämmetdurdy soňky sözüni aýdyp gutaryp-gutarmanka, birden yzyna öwrüldi, Mämmetdurdynyň ýüzüne ullakan ala gözlerini öňküden-de giňeldip, gahar gatyşykly bir görnüşde seretdi. Onuň bu garaýşyny menden başga hiç kim görmedi. Bu garaýyşdan meniň inim tikenekläp gitdi...

— Ýeri, sen beri suw hakynda geplemesene — diýip, mundan habarsyz Annaberdi Mämmetdurda gülüp seretdi: — Seniň öňünde bir kerseni suwdan dolduryp goýup: “gozganman otur, bolmasa gark bolarsyň” diýsem, gorkyňa on günläp oturyşyňy-da bozmarsyň… Sen suw bilýärmiň, näme?!

— Päheý, sen-ä oňaraýdyňaýt. Ynha, Garagum kanalynyň ikinji nobaty gutarsyn bakaly, men seniň bu sözüňe onsoň jogap bererin…

— Ol başga mesele!

Şeýle-de bolsa gürrüň alyşmaýardy. Her kim bu ajaýyp görnüşden köpräk täsir almak üçin öz pikiri, hyýaly bilen başyna gaýdy. Munuň üstesine-de, gämiçi meni uly aladanyň aşagynda goýdy. Men bar ünsümi oňa bermeli boldum. Meniň başga zat bilen işim bolmady.

Gämiçiniň ady Rozydy. Uzyn boýly, hor, elleriniň, boýnunyň damarlary çykyşyp duran bu adamyň ýaşy altmyş bilen altmyş bäşiň arasyndady. Eliniň, ýüzüniň hamy kömürçiniňki ýaly gap-garady. Ullakan, ala gözleri ýitidi, olaryň agy gar ýaly akdy, garasy garamyk ýalydy. Sakgalda, murtda, saçda agaran ýekeje-de gyl ýokdy. Emma ýagyrnysy hökgüdi. Inçe ýüzündäki giň maňlaýy agyrlyk edýän ýaly, Rozy mydama başyny aşak salyp oturýardy. Süňklek uzyn elleri, göwnüme bolmasa, uzadan ýerine ýetäýjek ýalydy. Bu adam meniň gözüme başga dünýäniň adamy ýaly bolup görnüp başlady.

Bu gaty geň adamdy. Gaýyga mündi-de, sürüberdi. “Hemmäňiz mündüňizmi?” diýbem soramady. Ugraly bäri biziň bilen bir gezek hem gürleşmedi. Bu boluş meniň keýpimi gaçyryp başlady.

## III

Beýdip gitmek mümkin däldi. Bizden utanýar, gorkýar diýsek, biz onuň naçalnigi-de däl, ondan uly-da däl. Ol derýada zähmet çekýär, biz bolsak edebiýat meýdanynyň zähmetkeşleri. Diýmek, iki tarap hem des-deňdi. Rozy muny bilýärdi. Naçalnigiň biziň kimdigimizi oňa düşündirip goýbereni ikuçly däldi. Üçimizden birimiz onuň göwnüni galdyrandyrys diýsek— muňa-da esas ýokdy: görşüňiz ýaly Rozynyň göwnüni galdyrmaga ýa-da göwnüni açmaga biziň

elimiz degenokdy, biziň bar ünsümiz deryadady. Biz Rozy bilen diňe salamlaşdyk. Aramyzda başga hiç hili gürrüň bolmady.

Hawa, beýdip gitmek mümkin däldi. Şatlyk umumy bolsa, şatlyk bolýar. Bir ýerde oturan dört adamyň üçüsiniň gülüp, birisiniň gaşyny çytyp oturmagy akyla sygjak zat däldi. Durmuşda beýle zat bolmaýar.

Men çemini tapyp, Rozyny gürrüňe goşmagyň, onuň biziň şatlygymyza goşulmagynyň ugruna çykdym.

Ol bize arkasyny öwrüp oturýardy. Onuň häzirki iş ýagdaýy şeýledi. Göwnüme bolmasa, Rozy barha hökgerip, kellesi aşak sallanýan ýalydy. Men içimden: “ol şu wagt köwüşleriniň burnuna seredýändir” diýip çak etdim. Ol bir bolşuny üýtgetmän, aşak bakyp otyr. Onuň boýny, bili agyrmaýarmyka? Ýa-da köp ýylyň endigi bilen ol bütinleý öwrenişäýdimikä?

Meniň sortduryp oturyşyma içi gysan şahyrlar bir-birine golaýlaşyp oturdylar-da, öz kärlerine başladylar. Olar mesnewi düzmäge, aýdyşyga girişdiler. Ilki biri bir setir aýdýar, ikinjisi onuň yzyna ýetirýär. Käwagt kapyýa dawasy çykýar. Annaberdi sesli kapyýa bilen jogap berip, gezegini sowmakçy bolsa, Mämmetdurdy derrew dawalaşyp başlaýar:

— Heý, “gardan” bilen “bärde” hem kapyýalaşarmy? Hökman “gardan” — “bärden” bolmaly…

Soňra maňa ýüzlenýärler. Meniň bolsa bar ünsüm Rozyda, şonuň üçin-de, näme diýenimi-de bilmän, olara:

— Hudaýa şükür, prozanyň kapyýa bilen işi ýok. Kapyýa prozanyň iň ýigrenýän zady — diýip jogap berýärin.

Olaryň ikisi-de:

— Ýoldaşyň prozaçy bolmasyn — diýip, arydan goranýan ýaly ellerini silteýärler-de, ýene-de dawalaryna başlaýarlar.

Men bolsam Rozynyň hökgerip duran ýagyrnysyndan guş çykyp, ümdüzüne uçaýjak ýaly, ondan gözümi aýyrman seredip otyryn.

Ine, ol hereket etdi!

Onuň gury süňklek göwresi çalaja gymyldady, kellesini sag tarapyna öwürdi. Emma geň zat: ol beýleki adamlar ýaly arassa, salkyn howany içine çekip, owadan gözlerini giňden açyp, gözýetime seretmedi-de, gaýtam, nazaryny ýene-de suwa dogrulady. Kenara-da gözlemedi, hiç ýere-de! Ol gaýygyň edil alkymyndaky çogup duran ýerden gözüni aýyrman, göýä ol tolkunyň aşagyndan biriniň çykmagyna garaşýan ýaly bütin ünsüni şo ýere berdi. Gaýyk ol ýeriň duşundan bireýýäm geçip gidenem bolsa, Rozy eli bilen ruly towlap, nazaryny ýaňky ýerden aýyrmaýardy. Onuň boýny agyryp gitdi, emma ol muňa ähmiýet bermedi.

Men indi onuň ýüzüne, gözüne siňe syn etdim. Ol bu ýere seredip otyrka, öňki tüýsüni bütinleý ýitirdi. Ýüzüniň gany gaçdy, mumyýa meňzedi, gözleri öňküden-de ýiteldi, içiňden geçip barýardy, boýnunyň ýanyndaky damarlary has ýognaldy, olar agaja düşýän gurçuk ýaly müňküldeşip başladylar. Ol dogrudan-da, ýaňky çogup duran suwuň içinden biriniň silkinip çykmagyna garaşýan eken. Başga zada beýle garaşmak mümkin däldi. Men onuň ýüzüniň,

gözüniň şu wagtky bolşuny pikirimde aýlap, bu adam ýa şu derýa bilen baglanyşykly aýylganç bir wakany başyndan geçirendir, ýa-da üýtgeşik bir zadyň şaýady bolandyr diýen netijä geldim.

Ol ýene-de aňyrsyna bakyp, öz işini dowam etdi.

Şahyrlar kapyýanyň enter-pelegini öwürýärdiler.

Annaberdi:

— Jeýhun joşa gelse kenaryn ýykýar — diýdi. Mämmetdurdy bolsa ikinji setirini tapdy:

— Günäsiz adamy demine çekýär...

Gämi aýylganç titräp gitdi. Rozy derrew motory öçürdi. Onuň bütin göwresi birden sandyrady. Bärisine bakdy. Gözleriniň agy çym-gyzyl bolupdy. Bir bada gepläp bilmedi. Az salymdan, göýä agyr ýüküni egninden düşüren ýaly haşlady-da:

— Beýle gürrüň etme! — diýip, Mämmetdurda seretdi. Onuň nazary içinden geçip barýardy.

## IV

Rozynyň-da, biziň-de öňki hetdimize gelmegimiz üçin birnäçe wagt gerek boldy. “Kapitanyň” ýaňky bolşuny görenimizden soň, biziň bütinleý keýpimiz gaçdy. Dogrusy, ondan gorkup başladyk. Men her minutda: “Ýaşuly, bizi kenara çykar!” diýmäge taýýardym. Diňe töweregiň ajaýyp görnüşi meni bu teklibi girizmekden saklaýardy. Eger Rozy şeýle bolmadyk bolsady, onda ne gözel bolardy! Men her demde ýagdaýyň gowulaşmagyny umyt edýärdim.

Biz günbatara barýarys. Gaýygyň inçe burny bulanyk suwy kesip, giň göwresine ýol açýar. Iki tarapymyzda emele gelen gomlar bize haýbat atýarlar. Mämmetdurdyny gaýygyň gyrasyna berk ýapyşmaga mejbur edýärler. Öňden, gaty uzakdan, derýanyň ortasynda tüsse görünýär. By ýagdaý ýene-de bize Garagumy ýatladýar. Öňdäki parahodyň tüssesi gum içindäki çopan goşlaryny göz öňüne getirýär. Gaýraky kenar kä görünýär, kä gözden ýitýär. Ilerimizdäki gamyşlyk gutardy, kenar gözden ýitdi. Jeýhun bizi enäniň sallançak üwreýşi ýaly üwreýär, gaýygy mylaýym çaýkap, janymyza lezzet berýär. Günbatara ýoluny gönüläp ugran günüň şöhlesi bulançak suwa düşüp, onuň ýüzünde millardlarça reňki, kiçijik düwmejikleri emele getirýär. Agyr derdiň dermany mylaýym şemal ýakymlylyk bilen ýüzüni syplaýar.

Rozy heniz-de gürrüňe goşulman, ýeňsesini tüňňerdip, motoryny tütedip barýar. Indi onuň bolşy okalmadyk kitap ýaly biziň ähli ünsümizi özüne çekýär. Bu adamyň dem alşy-da, gaýyk sürşi-de, onuň egnindäki geýimleri-de biziň üçin syrly duýulýar.

— Ýigitler, maňa golaýrak oturyň! — diýen sözi eşidenimde, ilki bada men gulagyma ynanmadym. Dogrusy, men bu ses derýadan çykdymyka diýip tisgindim. Meniň ýoldaşlarym-da geň galşyp, biri-biriniň ýüzüne seredişdiler.

Onýança Rozy ýene gepledi:

— Ýigitler, siz meniň bolşumdan gorkmaň, maňa geň galmaň. Herki zadyň bir sebäbi bardyr. Şemal bolmasa, çöp başy-da gymyldaýan däldir. Siz bärräjik süýşüň. Ýogsam motoryň sesi meniň gürrüňimi eşitdirmez. Bu ses meniň öz pikirimi beýan etmegime zyýan bermeýär.

Men muňa öwrenişipdirin. Meniň üçin uzak obalardaky gije ümsümligi-de bir, motoryň sesi-de birdir. Bärräk süýşüň. Men size gürrüň bereýin. Görýän weli, siz kitap ýazýan adamlar bolmaga çemeliňiz. Şonuň üçin meniň berjek gürrüňimiň-de size gerek ýeri bolarmyka diýýäriň… Men häzirki size aýdyp berjek gürrüňimi kyrk ýyldan-da gowrak içimde saklap gelýärin. Hiç kime aýdyp bermedim. Indi men altmyşy eginden aşyrdym. Köpüm geçip, azym galdy…

Biz özümize goýlan bu hormata gaty begendik. Rozy biziň gözümiziň öňünde birden üýtgedi: täze görnüşe girdi. Göýä, uzyn barmakly ellerini döşümize sokup, biziň ýüreklerimizi sogrup alan ýaly bolup, bizi özüne çekdi. Biz höwes bilen, tolgunmak bilen onuň daşyna öwrülip oturdyk.

Goja gaýrarak süýşüp, bilini dikeltdi, aýaklaryny uzatdy. Onuň iri süňkleri şatyrdap gitdi. Edil şu wagtyň özünde biz ýene-de derýanyň çogup duran ýeriniň üstünden geldik. Rozy ýene-de bizi ýatdan çykardy. Ähli ünsüni derýänyň gaýnap duran ýerine berip, özünden ygtyýarsyz ol ýeriň daşyndan gaýygy bir gezek aýlady. Gaýygyň tolkuny çogup duran suw üýşmegini dagytdy, özüne goşup, aňyrlara äkitdi. Şundan soňra Rozy ukudan açylan ýaly bolup, ruluny günbatara dogurlady. Hiç zat bolmadyk ýaly öňki hetdine girdi.

— Golaý oturdyňyzmy? Gaty gowy! Naçalnik maňa siziň kimdigiňizi aýtdy. Men ilki bada düşünmedim. — Gazet habarçylarymy? — diýip soradym. Ol maňa oňatja edip aýdyp berenden soň, men öz göwnüme maslahat saldym. Gel, şulara kyrk ýyldan bäri ýüregimde gizläp gelýän syrymy açaýyn diýdim. Bir göwnüm “aç” diýdi. Bir göwnüm: “beýtme, seniň ol syryň mukaddesdir, ol seniň diňe özüňkidir, öz hususy syryňdyr, ol syr bilen başganyň işi bolmaly däldir” diýdi. Ine, men şeýdip, şu wagta çenli belli bir netijä gelip bilmedim. Siziň bilen gürleşmän, aşak bakyp oturyşymyň-da düýp manysy şundady, ýigitler… Ahyrsoňy: “Gel, aýdaýyn. Bu syr meniň ýüregimde galmasyn. Goý, muny adamlar eşitsin. Bu bolsa şu ýerde gürrüňi ediljek mysapyr bendä meniň diken heýkelim bolsun...” diýdim.

Rozy telpegini çykaryp, gara kellesini şemallatdy. Sag eli bilen başyny sypalady. Suwuň ýüzünde tolkunlaryň ýasaýan mele örküçjiklerinden gözüni aýyrman, göýä bir zatlary ýatlaýan ýaly, kä bir wakalary hyýalynda aýlap çykýan ýaly içini gepletdi, dodaklaryny müňküldetdi.

Howasyz myhmanhana, asfalty hamyr ýaly mylkyldap ýatan şäher köçeleri, agaçlaryň üstünde jam ýaly sallanyp duran gün, derýa ilki görenemizde emele gelen galkym kapyýalar… eýýam biziň ýadymyzdan çykypdy. Biz häzir diňe Rozyny görýärdik, ýeriň astyndan çykýan ýaly güňleç, ýogyn sesini eşidýärdik. Onuň şu ses bilen bize aýdyp berjek gürrüňi hakynda pikir edýärdik. Ol bolsa gyssanmaýardy. Onuň ýagdaýy bize düşnüklidi: kyrk ýyllap ýürekde gizlenip ýatan gürrüňi derrew beýan edibermek, elbetde, aňsat däldi. Köp zatlary ýatlamalydy, köp zatlaryň düşnükli bolmagy üçin özüne laýyk söz tapmalydy. Rozy bu işleri gutardy. Ol ruly derýanyň ortasyna gönüläp, beýan etmäge girişdi.

## V

— Meniň kakamyň-da, özümiň-de bütin ömrüm şu ýüzüp barýan derýamyz bilen baglydyr. Kakam şu derýanyň demirgazyk kenarynda eneden bolupdyr, ösüpdir, kemala gelipdir. Şol ýerde hem öldi. Men hem şol ýerden eneden boldum. Men özümi bilip ugranymda biziň tanap ýarym ýerimiz bardy. Kakam, bir ýylda iki gezek bu ýerimizi sürerdi, tohum sepip bererdi. Galan işleriň hemmesini ejem ikimiz ederdik. Şol wagtlaryň ýagdaýyndan ýedi ýaşly ogly bilen keselbent bir aýalyň nähili hasyl ýetişdirip biljegini özüňiz göz öňünde getiriberiň. Kakam meniň şu häzirki bolşuma meňzeýärdi. Maňa pugta seretseňiz, ony gören ýaly bolarsyňyz. Ol başga wagtynyň hemmesini derýadan balyk tutup geçirerdi. Gün orta çenli balyk tutardy. Gün agandan soň tutan balyklaryny eşege ýüküläp, Diwanabaga äkiderdi. Ol ýerde kakamyň kiçijik dükanjygy bardy. Onuň içinde ullakan ojak, ojagyň üstünde-de ullakan gazan bardy. Kakam şol ýere baryp, tutan balygyny gowrardy, agşamara diwanabaglylara satardy. Kä gün onuň söwdasy oňardy. Kä gün bolsa iki elini burnuna sokup gelerdi. Biz goýnuň, sygryň etini ýylda bir gezek — Gurban baýramynda dadyp görerdik. Emma weli, hepdede bir gezek gowrulan balyk iýerdik. Bizden beterler-de bardy. Ejem hem uzyn boýly, inçe, hordy. Ol inçekeselledi. Ejem men on dört ýaşyma ýetenimde baharyň ahyrlarynda öldi. Şundan soň biziň ýagdaýymyz güýz aýlarynda derýa suwunyň peselişi ýaly ýuwaş-ýuwaş peselip ugrady.

Biziň tamymyz obanyň aşak çetindedi. Häzirki hasap bilen aýdanymyzda biziň iki kilometr gündogarymyzda Mätnyýaz diýen biriniň howlusy bardy. Ol adam gaty uly baýdy. Gyzylgumdaky goýunlarynyň, düýeleriniň, gylýallarynyň sanyny özi-de bilmeýärdi. “Dile geldi, bile geldi” diýlişi ýaly, men onuň nähili adamdygyny hem aýdaýyn. Has düşnükli bolar. Dogrusyny aýtsaň, bu adam däldi, tüýs aňyrsyna ýeten haramzadady, ganojakdy. Aýal zorlamagy, gyzyň namysyna degmegi, bir bendäniň öýüni başyna ýykmagy, ejizi ata basdyryp geçmegi... hiç zatça görmezdi. Ol eger seni gözüniň astyna aldymy, gutardy. Sen ýa dogan iliňi terk edip göçüp gitmeli, ýa-da onuň aýdanyndan çykmaly däl. Men ony ilki gezek otuz bäş ýaşyndaka gördüm. Onuň gözleri ýanyp durýardy, ähli hereketi edil çaganyňky ýaly çalasyndy. Ol keltejik, horja adamdy. Daşyndan ýaş ýetginjege meňzeýärdi.

Ejem ölenden soň, Mätnyýazyň jyny kakama düşdi. Bir gün kakam ikimiz agşamlygymyzy edinip ýaňy ýatypdyk, Mätnyýazyň hyzmatkärlerinden birisi ylgap gelip, kakamy alyp gitdi. Men şeýle bir gorkdum weli, inim sandyrap, dişim-dişime degmeýärdi. Kakam gijäniň bir wagty reňkini ak tam edip geldi. Men derrew “Mätnyýaz näme üçin çagyrypdyr?” diýip soradym. Kakam bolşuny bolşy ýaly aýdyp berdi.

Şeýle bolan eken: biziň obamyzda ýigrim bäş ýaşly, diýseň, owadan bir dul gelin ýaşaýardy. Oňa Maral diýýärdiler. Men ol gelni gowy tanaýardym. Bir gün onuň tamynyň gapdalyndan geçip gelýärdim. Maral eýwanynda duran eken. Ol meni ýanyna çagyryp aldy. Soňra eýwandan tama alyp girdi. Men onuň baý durmuşyny görüp agzymy açdym. Ikinji tarapdan, onuň owadanlygy, näz edip sözleýşi meni geň galdyrdy. Dul aýal, sende ýok-mende ýok gujagyny açyp meniň üstüme topuldy, meni gabyrdadyp basdy-da, ogşap, gujaklap başlady.

Utanjymdan ýaňa ýer ýarylmady, men ýere girmedim. Ahyrsoňy onuň barmagyndan dişledim, ol elini agzyna ýetirdi, şol bada men onuň elinden sypdym-da aýak aldygyna gaçdym…

Ine, Mätnyýaz şol aýal bilen gezipdir, Maral ondan hamyla galypdyr. Ikisiniň-de ýagdaýy gaty agyrlaşypdyr. Sebäbi Maralyň aňyrsy-da ýönekeý bir garyp bolman, şol wagtyň men diýen adamlaryndandy. Mätnyýaz ömründe bir gezek öz eden işinden gorkupdyr. Bir çykalga tapmasa, iş ula gitjek bolupdyr. Ine, aýaly ölen goňşy bar ahyry! Şundan gowy hem çykalga bolarmy? Ol bir garyp, näme diýseň, "bolýar" diýer durar. Onuň başga sözi bolarmy? Mätnyýaz şu maksat bilen kakamy çagyrypdyr.

— On goýun bereýin, bäş batman bugdaý bereýin, soňra-da garaşyk edip duraýyn, uly toý guraýyn, ýone weli, sen Maraly al, meni biabraýçylykdan gutar, bolmasa, iş ula gitjek… Bu işden ganyň ysy gelýär — diýipdir.

Meniň kakam garyp bolsa-da, ýer urup ýerde galan bolsa-da, gaty namysjaň adamdy. Ol Mätnyýaza garap:

— Baý aga, sen özüňe gerek adamyňy tapmansyň, ýalňyşypsyň, bu ýumşuňy bitirjek adamy öz neberäňden agtar — diýipdir.

Şeýle diýmek bilen onuň öýüniň gapysyny şarkyldadyp ýapyp, çykyp gaýdypdyr.

Kakam meniň başymdan sypalap:

— Oglum, bagtyňdakyny gör. Ol haramzada meni öz ugruma goýmaz. Ir-u-giç başyma bir bela getirer — diýdi.

Mätnyýaz uzak garaşdyrmady.

Bu wakadan soň biziň salymyz suw üstünde boldy, iýenimiz ýüzümize çykmady. Biz aýylganç bir zadyň ýüze çykjagyny bilýärdik. Oňa garaşýardyk. Şol gürrüňden iki gün geçen soň, kakamyň Diwanabagdaky dükanjygyny ot aldy. Ýene bir gün geçdi, eşegimiz ogurlandy. Üç günden soň jaýymyz otlandy. Şol hepdäniň ahyrynda irden öýden çykyp giden kakam dolanyp gelmedi. Ony iki günden soň derýa kenaryndan tapdym. Onuň sekiz ýerinden pyçak urlupdyr. Maslygynyň ýatan ýerini bir ötegçi gelip habar berdi...

Rozy uludan demini aldy. Agyr maňlaýyny zordan göterip, bize bir hatar göz gezdirdi-de, şeýle diýdi:

— Äý, ýigitler, ýigitler, biziň häzirki durmuşymyz şol döwürlerde garrylaryň aýdyp berýän ertekilerindäki durmuşdyr. Siz bir zada putga üns beriň: adam gaty beýgeldi, onuň manysy, ähmiýeti, güýji artdy. Hany şu wagtlar birine Mätnyýazyň meniň atama beren ezýetiniň müňden birini berip gör, gözüň näme görerkä?! Häzir hemme zat sada adama hyzmat edýär. Hemme baýlyk, hemme güýç, hemme kanun sada adamyň ygtyýarynda. Bu durmuşyň gadyryny bilmek gerek… Bulary men size ýöne esasy gürrüňe giriş hökmünde aýdyp berdim.

Esasy gürrüň öňde...

## VI

— Kakamyň meýdini jaýlamaga oba adamlary kömek etdiler. Men öwlüýäden dolanyp geldim. Girmäge gapy, iýmäge bir döwüm çörek ýokdy. Üstümdäki ýyrtyk köýnek-balagymdan, aýagymdaky geçi hamyndan edilen ýelkenimden başga hiç zadym ýokdy. Men sürüden azaşan köşek ýaly bozlap, tamymyzyň daşyndan aýlanyp başladym. Ýüregim agzymdan çykyp barýardy. Aýagy bişen towşan ýaly bir ýerde durup bilmiýärdim. Bularyň üstünde-de, ýanan tamymyzyň garalyp oturan diwarlaryny görenimde injigim sandyrap, ýüregim dilinýärdi. Biziň ýurdumyzda ýel ösdi. Mätnyýaz munuň şeýle bolmagyny isledi. Şeýle hem boldy. Kim ondan jogap sorap biler? Bardy-geldi jogap soralaýanda-da ol "men bilemok" diýer, üstüne gelen adamlara semiz goýun soýup, çekdirme bişirip berer, olaryň jübülerini puldan dolduryp, ataryp goýberer. Şu zatlaryň şeýledigini bilýänim üçin meniň bagrym paralanyp, gözümiň ýaşy dynman akýardy.

"Näme etmeli? Nirä gitmeli?" diýen sorag maňa ynjalyk bermeýärdi. Men näme etjegimi bilmeýärdim. Emma näme-de bolsa tiz wagtyň içinde bir zat etmelidi. Mätnyýazyň göwnünde ýene-de nähili pikirleriň bardygyny kim bilsin. Men näme edýänimi, nirä barýanymy saýgarman, ýüzümiň ugruna ylgap gitdim. Bir wagtlar huşuma gelsem, derýanyň kenarynda otyryn. Men: "Gel, şu dünýäniň dawa-jenjelinden dynaýyn, enem bilen atamyň yzyndan gideýin" diýip öz-özüme maslahat berdim. Şuňa razy boldum. Köýnegimiň ýarysyny ýyrtyp alyp, ýüp işdim. Aýagyma daş baglap, özümi gaýnap duran tolkunyň içine oklamak üçin ýaňy erimden galanym hem şoldy weli, biri şapba çiginimden tutdy. Seredip görsem ýanymda Sapa gotur diýen obadaşymyz dur. Ol peşeneli ýaşuludy.

— Oglum, by ejizlikdir! Seň ýaly ýigit ýeten ogullar gan alyp gan berýändirler. Şuny ýatdan çykarma. Ölmek aňsatdyr. Emma ar-namysyň aşagyndan çykmak kyndyr. Bu päliňden eliňi çek. Ýör, öýe gideli. Galanynam baransoň gürleşeris...

— Şeýdip Sapa gotur meni gitse gelmeziň ýolundan alyp galdy. Mätnyýaz başga işler bilen meşgul bolup, meni ýadyndan çykardy. Men hem Sapa goturyňkyda ýaşaberdim...

— Maralyň soňy nähili boldy? — diýip, Mämmetdurdy sorady.

Rozy bir azrak dymyp oturandan soň, bu soraga şeýle jogap berdi.

— Men, Mätnyýaz gaty ganojakdy, bimaza adamdy diýipdim dälmi? Hawa, şeýle diýipdim. Ol bu işden-de başyny alyp çykdy. Mätnyýaz her näçe jan etse-de, Marala är tapmady. Emma ol başga ýol tapdy. Bir gün ol Maralyň goňşy oba gidenini görýär-de, iki obanyň aralygyndaky öwlüýäligiň içinde baryp ýatýar. Üstüne kepen ýaly ak matadan don geýýär. Şeýdip, Maral aňyrky obadan çykyp ugraýança ýatýar. Maral gün batyp barýarka, öwlüýälige gelip girýär. Ol duşundan geçen badyna, Mätnyýaz silkinip ýerinden turýar-da, aýylganç gygyrýar. Soňra, daňa galan doňuz ýaly hökidikläp, onuň yzyndan kowalap başlaýar. Muny gören Maralyň huşy başyndan uçýar, aýaklary diýenini etmeýär, gorkusyndan reňki ak tam bolup, ýoluň üstünde ýykylýar. Mätnyýaz agajyň aňyrsyna dolanyp, üstündäki ak donuny çykarýar-da, çalaja demini alyp, huşundan gidip ýatan Maralyň ýanyna gelýär. Şol gije Maral çaga taşlaýar. Bu waka şunuň bilen tamam boldy.

Rozy dowam etdi:

— Sapa goturyň özi-de, aýaly-da gaty oňat adamdy. Olaryň iki tanap ýeri bardy. Meniňki bilen üç ýarym tanap boldy. Men olarda ýaşap başladym. Bir-iki ýyldan oňşugymyz oňatlaşyp ugrady. Ol ýokdan bar edip, meniň atamyň ýedisini, kyrkyny, ýylyny berdi. Men bu sada adamlary ýüregimiň ähli güýji bilen söýdüm. Olar hem meni öz ýeke perzentleri bolan Gülennamdan kem görmediler.

Rozy “Gülennam” sözi agzyndan çykan badyna biygtyýar tisginip gitdi. Gaýraky kenara tarap çalasyn nazar saldy-da, ýene-de müň dürli reňk bilen oýnap ýatan suwuň ýüzüne seretdi. Uzak wagt dymyp, gözüni suwuň çogup duran ýerinden aýyrman, saňgaty bolup oturdy. Yzly-yzyna bir iki gezek uludan demini aldy. Bir salymdan özüni dürsedi.

— Sapa gotur ogulsyzlykdan zeýrenýärdi. Bu gaty täsin adamdy: aýdymy, sazy, kitap sözlerini halaýardy. Aýagy ýeter ýaly ýerde bagşy aýdýandygyny ýa-da Magtymgulynyň kitaby okalýandygyny eşitse, hökman giderdi. Meniň göwnüme bolmasa, onyň göwresi ýerde, göwni ýedi gat asmanyň üstünde ýaşaýan ýalydy. Ol aýalyna-da, gyzyna-da, maňa-da, bezzat oglan-uşaklara-da gaty-gaýrym söz aýtmaýardy. Hiç kimiň göwnüne degmeýärdi. Emma ol Mätnyýazy ýigrenýärdi. Şeýle-de bolsa ol hakda gürrüň çyksa:

— Beýle adam öz pälinden tapýar — diýerdi.

Bir gün aýaly:

– Annamyradyň ogly birentek ternämizi ogurlap gitdi — diýdi.

Sapa gotur ýylgyryp:

– Ondan galany-da näçe iýseň ýeter — diýip jogap berdi.

Emma ol bu işi ýadyndan çykarmady. Şol ýyl gawun bişenden soň Sapa gotur Annamyradyň ogluny öýe çagyrdy. Ilki bilen oňa gawun kesip berdi, ýagşyja doýurdy. Soň gitjek wagty ony gawun atyzyna eltdi. Dört sany ullakan gowy gawuny donuna çolap arkasyna berdi-de:

— Bişmedik gawunyň ýüz sanysyny iýeniňden, bişen gawunyň birini iýmek has gowudyr — diýdi. Ýaňky oglan düşündi, gyzardy. Ýere giräýjek boldy. Gaýdyp biziň gawunymyz ogurlanmady...

Bir gün men danyň ala garaňkysynda ot ormaga gitdim. Bir arka ýorunja getirip, öýüň gapdalynda goýdum. Demimi dürseýänçäm, ota arkamy diräp, turman oturdym. Sapa gotur bilen aýaly öýde çaý içýärdiler. Sapa gotur aýalyna şeýle diýdi:

— Hudaý bize ýetişen ogul berdi. Rozy ýaly edepli, akylly ogly gündiziň güni eliňe çyra alyp gözleseň-de tapmarsyň. Goý, indi ol biziň hakyky oglumyz bolsun. Hudaý berse şu ýyl harman alandan soň toý edeli. Gülennamy oňa bereli. Tamyň gapdalyndan bir otag salaly. Heleý, biziň işimiz oňuna bolup barýar...

Men bu sözi eşidip begenjimden tas uçupdym... Bu wagtlat men ýigrimimde, Gülennam hem on ýedisindedi...

## VII

Biz yzymyza öwrülip görsek şäher-de, demirýoluň köprüsi-de bireýýäm gözýetimiň aňyrsyna gizlenen eken. Muňa garamazdan, ýolumyzy dowam etdik. Derýanyň giň göwrümi daralan ýaly boldy. Iki kenar biri-birine golaýlaşdy. Kenarlaryň kä ýeri dagyň gaýasy ýaly bolup, derýanyň üstüne abanýardy, kä ýeri gaty pessejikdi. Däli derýa bir zarpda ol ýeri ýykyp, demirgazyga tarap joşgun bilen akyp gidäýjek ýaly bolup görünýärdi. Iki tarapda hem gamyşlar başlap, şaglaşyp, başlaryny yrap otyrdylar Günüň aşakladygy saýy salkyn şemalyň lezzeti artýardy.

Biz bu gürrüňiň barha gyzyklanýandygy duýduk. Şonuň üçin-de, Rozynyň daşyna ykjam egrilişdik, oňa golaý oturdyk. Ol ýene-de öňki tüýsüni üýtgedip başlady. Gözleri alardy, gaşy çytyldy, agyr hesretden agzy-da bir hili gyşaran ýaly boldy. Ýa-da bize şeýle bolup göründi.

Ol sözüni dowam etdi:

— Men bu maşgalanyň meniň bilen Gülennama bolan meýlini ýaňy bilip galdym. Şuňa garamazdan, biziň Gülennam ikimiziň aragatnaşygymyz has öň başlanypdy. Munuň ilki başlanyşyny aýdyp bereýin: Sapa gotur bir gezek iki günlük myhmançylyga gitdi. Onuň aýaly-da ertirden agşama çenli goňşy aýalyň ümesinde boldy. Öýde diňe Gülennam ikimiz galdyk. Men kendirden tanap işýärdim.Tabakdaky suwum gutardy. Ojagyň başynda gyzdyrma bişirip ýören Gülennama:

— Gülennam, meniň tabagyma suw goýup getir! — diýip ýüzlendim.

— Suw guýaýyn weli, sesiň näme titreýär? - diýip, gyz maňa mekirlik bilen sowal berdi.

Onuň adyny tutanymda sesimiň titräp gidendigini özüm hem duýupdym. Başga diýere zat tapmadym-da:

— Seniň adyňy tutan adamyň sesiniň titremezligi boljak iş däl, ylaýta-da meniň ýagdaýymdaky adamyň — diýip jogap berdim.

Ol aýratyn bir näz bilen suw getirdi-de, özüniň jereniňki ýaly owadan, köp manyly nazaryny maňa dikdi:

— Ine, suw! Ýene näme gerek? — diýidi.

Men onuň elindäki suwly tabagy alyp gapdalda goýdum, iki goşaryndan gaýym tutdum-da:

— Gülennam , men seni görmedik günüm däli-mejnun bolýaryn... Şuny bilýärmiň?- diýip soradym.

Gyz elinden tutanyma garşylyk görkezmedi. Ýylgyrdy:

— Meni  görmedik wagtyň nähili bolýandygyňy men näbileýin. Ol wagt men hem seni görmeýärin ahyry...

— Gülennam, oýun etme, meniň ýagdaýyma düşün...

— Oýun edýän sen. Suwum gutardy diýdiň, suw getirip berdim. Taňryýalkasyn diýmegiň ýerine elimden tutduň. Bu oýun bolman dagy näme?

Biziň mähriban dostlugymyz şu günden başlandy.

Gülennam näme üçin gyz bolup dörändigini bilmeýärin, ol özüniň bütin bolşy-gylygy bilen oglana meňzeýärdi. Emma onuň görki-görmegini beýan etmäge dil gerekdi. Onuň boýy ortadan ýokarrakdy. Ýüzi akdy, gözleri ullakandy, garady, tez maralyňky ýaly oýnaklap durýardy. Saçy! Wah, onuň saçy ýaly saça men ömrümde duş gelemok. Beýle saç adam balasynda bardyr diýseler ynanmazdym. Onuň owadan kellesi sähelçe öňe tarap egilse, dört örüm ýogyn saçynyň ujy ýere degýärdi. Maňlaýy giňdi. Ol toý günleri, gurbanlyk ýa-da haýyt baýramlarynda täze köýnek, täze köwüş geýip çykardy. Men gyzyň şu görnüşine guwanyp, ol günleriň ählisini serhoş bolup geçirerdim. Ol günlerde näme edip, näme goýýandygymy bilmezdim. Ol hem şeýledi, emma köp azar çekip, bildirmezlige çalyşýardy. Men muny niçiksi bilýärdim diýseňiz-le, men muny onuň her bir basan ädiminden, dem alşyndan, göz astyndan bakyşyndan, ah çekişinden bilýärdim. Men öz tamymyzyň ýanyna gidip işlän wagtlarymda ol meniň yzymdan nahar elterdi. Yzymdan gelýän naharlar bir adam iýerden artyk bolýardy, tagamly duýulýardy. Çörek mydama artyp galardy. Men gyzyň öz iýmeli zatlaryny meniň paýymyň üstüne goşup gelýändigini duýýardym. Emma muny beýtme diýip bilmezdim. Oňa gaty-gaýrym bir zat diýmäge diliň barjak däldi. Men iýip başlardym. Ol bolsa ýanymda oturyp, süýji dili bilen meniň göwnümi götererdi. Meni şeýle bir ýagşy görýärdi weli, meniň elime tiken ursa gözünden boýur-boýur ýaş dökerdi.

Ol gaty batyr, mert, şunuň bilen birlikde-de, gaty degişgen gyzdy. Özüni goramagy başarýardy. Ol maşgalanyň ýeke perzendidi. Lälik ösüpdi. Her gün bir hili mylaýym bezzatlyk ederdi. Sygra münerdi, ejesini käýindirerdi. Erkek oglanlar ýaly sapan atyp, jöwen gorardy. Gijelerine hiç zatdan gorkmazdy. Käwagtlar öý üçin ýa-da telär etmek üçin gamyş gerek bolanda, derýa kenaryna giderdi-de, eşege basyryp ýükläp gamyş getirerdi. Şeýle wagtlaryň birinde jeňňeliň içinde Gülennama biri dil ýetipdir. Ýanyna gelip bälçiräp başlapdyr. Gyz bir aýdypdyr, gitmändir, iki aýdypdyr, gimändir, gaýtam onuň elinden tutjak bolupdyr. Gülennam gazaplanypdyr, birden ýaňkynyň gulagynyň ýumşajyk ýerini oragy bilen kesipdir, ol ýigidiň özüni-de derýa oklaryn diýip gorkuzypdyr. Ýigit, “kime beren bi alla” diýip gaçypdyr. Gyzdan şeýle basga galyp horluk çekenini aýtmakdan utanypdyr-da, gulagymy syçan kertdi diýipdir. Bu habary iliň içinde Gülennamyň özi ýaýratdy. Ol ýigidiň bolşuna, oba adamlary iki ýyllap güldüler. Gülennam edil erkek adam ýalydy. Hiç kime hakyny gidermezdi. Men dogrusyny aýtsam, şeýle owadan, mähriban, her zatdan baş alyp çykyp bilýän gyza bütin ömrümde duş gelmedim. Ol özboluşy, hiç kime meňzemeýän, batyr gyzdy. Şunuň bilen birlikde-de, örän mylaýym gözeldi.

Ol meniň ýadymda edil şeýle bolup galdy. Suraty ýüregime edil şeýle bolup ýazyldy. Biziň biri-birimize bolan söýgimiz älem ýaly giňdi, tükeniksizdi, düýplüdi. Jeýhun ýaly joşgunlydy...

Rozy çep eli bilen ruly tutup, sag elini çep goltugyna sokdy. Ondan bir düwünjek çykardy. Ol düwünçegi emaý bilen çözdi-de, onuň içinden towşanyň ýukajyk hamyndan tikilen çaýhalta çykardy. Çaýhaltanyň ýarysyna çenli ak, gyzyl, sary, gara ýüpekden nagyş çekilipdir.

Bu nagyş örän inçe, örän gözel, örän nepisdi. Çaýhalta beýik ussadyň elinden çykan sungat ýadygärligine meňzeýärdi.

Rozynyň ýüzüniň hamy titräp gitdi. Eli sandyrady. Gaşlary çytyldy. Maňlaýynyň ýygyrtlary köpeldi.

— Şu halta indi kyrk bir ýaşynda gitdi. Muny Gülennam bejerdi. Maňa sowgat edip berdi — diýende, altmyşdan geçen ýaşulynyň gözünden boýur-boýur ýaş döküldi...

## VIII

Rozy haltanyň-da, düwünçegiň-de eplemini bozman, öňküsi ýaly edip onuň daşyny emaý bilen sarady. Ony çep goltugyna, edil ýüreginiň üstünde, köýneginiň iç ýüzünden ýörite tikilen jübüsine saldy. Soňra elini çykardy-da, goýä şu aralykda ýaňky halta gaçyp galan bolaýmasyn diýen ýaly, eli bilen onuň üstünden sypalap gördi. Şundan soň jany aram tapan ýaly boldy. Emma ol ýene-de suwa seretdi. Köp wagtlap başyny galdyrman oturdy. Biziň ýagdaýymyz-da öwerlik däldi. Rozy bu görkezen zady hem-de göz ýaşy bilen biziň halymyzy perişan etdi. Rozynynyň gürrüňiniň ahyry aýylganç bir waka barada boljakdygy indi ikuçly däldi. Biziň ýüreklerimiz muny öňünden duýdy. Biz indi bir hili howsala düşüp başladyk.

Diňe şol çaýhalta, onuň kyrk ýyllap güýçli bir ýüregiň ýylysyny alyp durmagy biziň akylymyzy haýran edipdi. Rozy her demsaýy özüniň syrly boluşlary bilen biziň göz öňümizde beýgelýärdi. Onuň häzirki ýagdaýy agyrdy. Ol başyny göterip bilmeýärdi. Onuň ýagyrnysynyň hökgüsi edil biziň göz öňümizde ulalýardy, kellesi barha aşak egilýärdi. Ony ajaýyp bir gyza bolan söýgi iki büküpdi... Indi bu hakykatdy.

Biz gürrüňiň yzyny şunça eşidesimiz gelse-de, ony gyssamaga milt edip bilmeýärdik. Bu wagt bir zat diýseň, bir sowal berseň, Rozy edil biziň gözümizden gaýyp bolaýjak ýalydy. Indi onuň gürrüňini şu ýerde kesmejegini biz bilýärdik. Ol bu hekaýatyň yzyny hökman dowam etjekdi. Şunuň özi biziň ýüreklerimize teselli berýärdi. Emma oňa häzir geplemek kyndy, özüni ele almalydy. Demini dürsemelidi.

Rozynyň başyny galdyrman suwa seredişi, suwuň kä ýerde towlam-towlam bolup çogup durşuny görende, ondan gözüni aýryp bilmeýşi biziň üçin düşnüksizdi. Ýöne weli, gürrüňiň dowamynda bu syryň-da açyljagyny biz bilýärdik.

Rozy birden gürrüňini dowam etmek bilen bizi geň galdyrdy. Onuň sesi öňküsi ýaly güňleç çykdy:

— Siz meniň häzirki bolşuma geň galmaň. Men Güllennamyň yşkyna düşen wagtlarymda, ýigrimi ýaşly ýigit wagtlarymda bütinleý başga hili adamdym. Dört eşegi hatara durzup, olaryň üstünden böküp bilýärdim. Otuz ýaşly men diýen pälwanlaryň dyzyny ýere degirýärdim. Amyderýanyň giň ýerlerinden ýüzüp geçmegi başarýardym. Derýa boýundaky jeňňeliklerde bir gezek bir mekejin bilen başa-baş söweşe girip, onuň läşini serdim. Bu zatlar indi ertekidäki ýaly bolup galdy. Siz, belki bu sözlere ynanýan hem dälsiňiz, ýöne, men weli, ýalan sözlemegi başarmaýaryn. Şuny pugta bilip goýuň. Indi öňki gürrüňi dowam edeliň...

Şeýle diýmek bilen Rozy göreşe çykjak pälwan ýaly ellerini çermedi, ykjamlady, gürrüňe başlady:

— Gülennam ikimiziň biri-birimizi söýşümizi men hiç zat bilen deňäp biljek däl. Bu üýtgeşik söýgüdi. Soňabaka biz biri-birimizi ýarym gün görmän gezsek, edil akyldan azaşaýjak ýaly bolýardyk. Güýz düşdi. Biziň toýumyzyň tutuljak pursaty golaýlaşýardy. Men öz tamymyzyň töweregindäki jöweniň başyny gaňryp ýördüm. Sapa gotur bazara gidipdi. Bu wagtlara çenli Gülennam ikimiziň gatnaşygymyz öse-öse iň belent derejä ýetipdi.

Ol meniň yzymdan nahar getirdi. Onuň ýüzüne gözüm düşen badyna Gülennamyň keýpiniň ýokdugyny gördüm. Ýüregim gürsüldäp başlady. Gyz nahary goýdy-da, başyny aşak saldy. Men biriniň göräýmeginden çekinip, ony jöweniň içine çekdim. Soňra bagryma basyp:

— Ezizim, mähribanym, janym Gülennam, bu nähili boluş? Bu nähili ýagdaý? — diýdim.

Ol bir elini meniň boýnuma saldy. Beýleki eli bilen şu çep elimiň goşaryndan sypalady. Ynha şu ýerde — diýip, Rozy çep eliniň ýeňini ýokary çekdi.

— Hawa, ine şu ýerden. Gülennamyň sypalan ýerine syn etseňiz, bu ýeriň hamy elimiň başga ýeriniňkiden agrakdyr. Men ol wagt, elimi çermäp işleýärdim...

Biziň üçümiz-de Gülennamyň sypalan ýerine bütin pikirimizi berip syn etdik. Rozynyň eliniň ol ýeriniň hamy başga ýeriniňkiden gara bolmasa, ak däldi. Rozy weli, eliniň ol ýeriniň hamynyň başga ýeriniňkiden akdygyna ynanýardy. Şonuň üçin biz hem “şeýle garry” diýip tassykladyk. Men, gara öý ýaly çagşan bu garry bedende şeýle beýik ýüregiň ýerleşýändigine geň galyp, dodagymy dişledim.

Soňra nemli gözlerini maňa dikdi-de:

— Rozy jan, ezizim, ýüregim gysýar, oturyp-turup kararym ýetmeýär. Hernä Hudaý ikimizi biri-birimize köp görmesin-dä... — diýdi.

Men çalaja ýylgyrdym-da:

— Ezizim, sen çagalyk edýärsiň? Ýürek gysmak bilen hiç kime hiç zat bolýan däldir. Sen beýle diýme. Ine, hasyly ýygnap gutararys. Kakaň toýumyzy eder. Soňra el-ele berip ýaşap başlarys — diýip, onuň alyn saçyndan ogşadym. Ol eziz saçyň her bir taryndan müşk ysy gelýärdi.

— Hernä agzyňdan Hudaý eşitsin — diýip, Gülennam pamyk ýalyjak eli bilen meniň barmaklarymy oýnady. — Ýöne , meniň ýüregim gysyberse bir erbet iş ýüze çykýar. Belki, bu gezek hiç zat bolmaz. Howul bela, sowul bela!..

— Hiç zat bolmaz, hiç zat bolmaz, ezizim! Mert bol! — diýip, men oňa göwünlik berdim.

Gülennam gaýtdy. Men hars urup işledim. Jöwen başyny näçe çalt gaňyrsam, hasyl hem şonça tiz ýygnalyp gutaryljakdy. Hasyl näçe tiz ýygnalsa hem biziň toýumyz şonça tizleşjekdi. Men muny bilýärdim. Şonuň üçin-de janymy aýaman işleýärdim.

Sapa goturyň öz ýerindäki, meniň ýerimdäki hasyllary ýygnap gutardyk. Jöwen, mäş, künji ýaly ekinlerden birneme hasyl aldyk. Kak serdik. Igde ýygnadyk. Sygrymyza, eşegimize,

bir jübüt öküzimize gyş üçin ot-iým taýýarladyk. Hemmämiz oturyp maslahat etdik. Hasap-hesip işini etdik. Artykmaç dänämizi satyp, toýa taýýarlyk görmeli diýen karara geldik.

Sapa gotur öňki mylaýymlygy, şadyýanlygy bilen şeýle diýdi:

— Oglum Rozy, seni maňa Hudaý berdi. Men gyzymy gowy görýärin. Seni-de ondan kem göremok. Maňa beýle diýmek gelişmese-de, gelişýän däldir, emma men gowy görýän adamymyň ýanynda utanman geplemegi halaýaryn. Men, ikiňizi şu ýerde, öz tamymyzyň ýanynda öýli-işikli etjek...

Gülennam kakasynyň bu sözünde utandy, daş çykdy. Sapa gotur mylaýym ýylgyrdy-da:

— Utanan  bolýar weli, öz-ä seni ýaman görenok — diýdi. Men hem gyzardym. Soňra ýaşuly oýun etmesini bes etdi-de, aýalyna ýüzlendi:

— Sen gyza, ýigide taýýarlanmaly zatlary taýýar et. Men gallalary sataşdyraýyn. Bu işi sag-aman sowaly...

Men şol agşam ýatylmazynyň öň ýanynda Gülennamy gördüm. Biziň ikimiz-de begenjimizden gözümize ýaş aýladyk.

Şeýdip, biziň toýumyz ýakynlaşýardy.

Emma şunuň bilen birlikde... gara günler hem golaýlaşýar eken...

## IX

Şol güýz Sapa goturyň ýakyn görüşýän obadaşlaryndan Serdar juwazçy diýen adam ilkinji bolup, ogluny öýerdi. Onuň çakylykçysyny ugradan badyna,  Sapar gotur aýalyny ýanyna çagyrdy.

— Serdaryň toýuna hemmämiz barmasak gaty görer. Emma men Gülennamy äkitmegi halamok. Ol indi göze görnüpdir. Özi-de tüweleme gaty görmegeý.

— Wiý, kakasy, diýýäniň näme? Biziň maşgalamyz bilen kimiň näme işi bar? Onsoňam Gülennam indi adagly edildi ahyry. Rozy-da biziň bile gider. Goýaweri, toýa hemmämiz gideliň. Öz toýuň hem daş däl. Barmasak olar hem gelmez...

Yzymdan baranda, Gülennamyň ýüregini gysyşyny gürrüň berşi, Sapa goturyň ony toýa äkitmek islemeýşi, meni bir hili geň galdyrdy. Belki, olar birzat eşidendirler. Ýok, beýle bolmagy mümkin däl. Olaryň menden gizlin syrlary ýokdy. Şonuň üçin men muňa ähmiýet bermedim.

Biz gapyny gulplap, dördümiz hem bile gitdik. Barsak toý gyzyşan eken. Ortada uly ot ýakylypdyr. Onuň daşynda adamlar gaýda-gaýmalyşykdy. Bagşy aýdýardy. Gelin-gyzlar dogup gelýän gün ýaly gyzaryşyp öýüň içinde-daşynda gezim edýärdiler, erkek adamlaryň toparyna goşulmaýardylar. Heniz-de ýakynda-daşdan gelýän adamlaryň yzy üzülmeýärdi. Ine, mydama bir bezzatlyk ýa-da ilde ýok zady etmäge öwrenen Mätnyýaz hem geldi. Onuň çapylýan atlary, ýorga ýabylary kändi. Emma ol näme üçindir  bu gün eşekli geldi. Adatda eşege gaňňa salynýar. Ol bolsa eşegine atyň eýerini salypdyr, uýanlap, agyzdyrygyny-da geýdiripdir. Eşegi at görnüşinde bezäpdir. Bilşiňiz ýaly ol meniň köne gandarymdy. Men

ondan gany göwnejaý edip almagyň pikirini bir minut-da ýadymdan çykarmaýardym. Bu duýgy mende ylaýta-da soňky wagtlarda, Gülennam ikimiziň toýumyz golaýlaşdygyça güýjeýärdi. Sebäbi men ösdüm, kemala geldim. Indi bolsa öýlenmeli. Emma bu şatlygymy meniň enem-de, atam-da gowy durmuşy üçin meniň ejem horlukdan, inçe keselden öldi. Atamy bolsa Mätnyazyň özi öldürdi. Bu aýylganç hakykatdy. Meniň oňa bolan gazabym durdugyça güýjeýärdi. Meni ynjalykdan gaçyrýardy.

Ondan hemme adam gorkýardy. Onuň nähili adamdygyny men size aýdypdym. Ol eşeginiň agyzdyrygyny çeýnedip gelende, hemme aýak üstüne galdy.

Ýerli-ýerden:

— Baý aganyň atyny tutuň!

— Mätnyýazyň atyny tutuň! — diýen sesler eşidildi. Onuň eşegi-de at hasaplanýardy. Iki ýaşuly beýlekilere ýol bermän, hersi eşegiň bir jylawyndan ýapyşdylar. Haramzadanyň eşekden göterip diýen ýaly düşürdiler. Iň gowy ýere eltip oturtdylar. Öňki iki gat keçäniň üstüne-de bir täzeje haly getirip düşediler. Ol öňüne çaý alyp, töwerek-daşyna göz gezdirip çykdy. Soňra iki dulugyndan derini akdyryp, jan edip aýdym aýdyp oturan bagşa:

— Aýtjak bolsaň oňlurak aýdaýt, bolmasa ortada garantgy ýaly bolup oturma! — diýdi.

Onuň bu ýerliksiz sözi hiç kime ýaramady. Sebäbi bu nädogrudy. Bagşy gowy aýdýardy. Emma şeýle-de bolsa adamlar Mätnyýaza ýaranmak üçin çalaja ýylgyryşdylar. Bagşynyň özi-de:

— Bolýar, baý aga, geregiň aýdym bolsun! — diýip, belent owazly yşky aýdymlara başlady.

Men märekäniň bir çetinde otyrdym. Mätnyýaz meni görmeýärdi. Men ony görýärdim, içgin synlaýardym. “Eger men şu wagt şu adamyň kellesini kesäýsem ýa-da garnyny silkäýsem, töwerekde oturanlar maňa içlerinden alkyş okardylar. Sebäbi bu adamlar ondan aňsatlyk bilen dynyp bilseler, özlerini mergiden gutulandan kem saýjak däldiler...” diýen pikiri etmek bilen, men ony gözden geçirýärdim. Eger-de Gülennam bolmasa, öňümizde uly toý garaşmaýan bolsa, belki men “öler ada galar at” diýip, öz hyýalyma gelen işi şu wagt berjaý etsem hem ederdim. Meni diňe Gülennam saklaýardy... Biz şäherden gaty uzaklaşaýdyk öýdýärin, yzymyza dolanaýsak näderkä?

Biz diňe Rozy şeýle diýenden soň, özümize geldik, Günüň batyp barýandygyny, howanyň has-da salkynlaşandygyny duýduk. Yza gaýdylaýsa-da kem däldi. Biz şäherden arany gaty açypdyk.

— Gaýtsak kem bolmaz weli, siz şähere barýançaňyz bu gürrüňiň soňuny gutaryp bilermikäňiz? Eger gutarmaryn öýtseňiz entegem gideliň — diýip, men jogap berdim.

Rozy:

— Gutararyn, sebäbi biz akymyň tersine gitmeli. Uzak ýöremeli bolarys. Gutarmasam-da şäherden aňry geçer ötäýderis. Derýa gijesine-de gözeldir — diýdi.

Biz yzymyza dolandyk.

Rozy sözüni dowam etdi:

— Hawa, Gülennamyň söýgüsi meni bu hyýaly iş ýüzüne geçirmekden saklaýardy. Garyplykda-da bolsa meniň bagtly ýaşasym gelýärdi. Ylaýta-da Sapa goturyň, onuň aýalynyň menden edýän tamalaryny ödäsim gelýärdi. Muny ödejek bolsaň, bu ýerde gözsüz batyrlyk etmek gerek däldi.

Bagşy aýdymyny gutardy. Dogrusy, onuň özi gutarmady, Mätnyýaz gutartdy. Ol bagşynyň aýdyp oturan aýdymynyň arasy bilen:

— Bu gün göreş boljak dälmaýt?! — diýip gygyryp sorady-da, synyny silkip ýerinden turdy. Adamlar hem turdular. Mätnyýaz, aýdyp başlan aýdymyny aýaklamaga gyssanýan bagşa:

— Tur, göreşe baraly, ýeke özüň ýurtda galan it ýaly uwlap oturma! — diýdi.

Göreş tutuljak meýdana barmak üçin aýallaryň üýşmeleňiniň gapdalyndan geçip gitmelidi. Mähelle ol tarapa agdy. Mätnyýazyň dört töweregi obanyň ýaşulularyndan doludy. Aýallaryň üýşmeleňiniň deňine barandan Mätnyýazyň gözi Gülennama düşdi. Gülennam häzir bulutdan çykan aý ýaly töweregindäkilerden saýlanyp görünýärdi. Onuň üstündäki geýimler täzedi, özüne gelişýärdi. Häzir oňa syn etmäne göz gerekdi! Gülennam biriniň özüne ýiti nazar bilen seredýändigini duýdy-da, derrew gyzlaryň arasyna girip gizlendi. Emma indi giçdi! Mätnyýaz birden ýuwaşja “hih!” diýip, içini çekip, aýak saklady. Ýiti nazaryny gyza dikdi. Men gazaba münüp, ýumrugymy düwüp, öňe süýşen badyma meni sakladylar. Onýança Mätnyýazyň:

— Ol kimiň gyzy? — diýen sesi gulagyma degdi.

Oňa jogap berdiler.

Bir ýaşuly erbet bir zadyň ýüze çykmagyndan gorkan ýaly:

— Ol adagly. Bäş-alty günden ony adaglysyna berýärler — diýdi.

Gözi gyzaran Mätnyýaza bu sözüň nähili täsir edendigini men aýdyp biljek däl. Sebäbi meniň şol wagtky ýagdaýym agyrdy. Ýöne weli, bir zady ýagşy bilýärin: Mätnyýaz tä göreş meýdanyna barýança yzyny gözläp gitdi. Ol ýerde-de göreşe seretmedi-de, gözi aýallar tarapdady. Ol indi geplemesini-de goýdy. Soralan soraga-da jogap bermedi. Gülennam onuň akyl-huşuny alypdy. Sapa gotur-da, onuň aýaly-da muny duýdular. Aýalynyň ýagdaýynyň nähilidigini bilemok. Emma Sapa goturyň görnüşine ýüregim dilinýärdi. Ol edil şu wagt, meniň gözümiň öňünde iki büküldi. Meniň bedenime täzeden güýç tolkunlary gelip goşuldy. Men etmeli işimi eýýäm anyklapdym.

Biziň depämizdäki gara gün öňküden-de garaldy... Gara bulutlar aşakladylar.

## X

Biz toýdan dolanyp gelen badymyza Sapa gotur aýaly bilen maslahatlaşmaga oturdy. Ol Gülennama-da, maňa-da eşidiler ýaly edip, bilgeşleýin gaty gepledi:

— Men ertir ir bilen mollanyň yzyndan gideýin. Derrew nika gyýsyn. Bolmasa, ol ganojak hiç zatdan gaýtmaz, bir belanyň üstünden barýar.

Emma molla ertire garaşdyrmady. Gün batmazynyň öňüsyrasy onuň özi geldi. Mätnyýaz göwündäki gara maksadyny amala aşyrmagy uzaga çekýän adamlaryndan däldi.

Men agyr ýagdaýda arkamy öýe diräp otyrdym. Gürrüň öýüň içinde geçdi. Şonuň üçin-de, men içerde edilýän gürrüňiň bir sözüni gulagymyň duşundan geçirmän diňledim.

Sapa gotur mollanyň sözüni diňländen soň, gazap bilan titräp sözledi:

— Meniň gyzym adagly. Ertir ir bilen yzyňyzdan gidip çagyryp gelmekçidim, nika gyýdyrmakçydym. Siz bolsaňyz beýle sowuk habar bilen geldiňiz. Molla aga, siz baryň-da oňa düşündiriň: goý, ol biziň namysymyzy depelemesin. Bize azar bermesin.

Molla gaharly gepledi:

— Men iki öýüň arasynda habar gatnadyp ýören gybatçy heleý däl. Mätnyýazyň aýdanyny ýerde goýma. Bagtyň açylar. Tersine gitseň-de, soňra puşman edersiň. Gyzyň Mätnyýazyňky ýaly döwletli öýe düşse, saňa başga näme gerek? Indi şeýle atly-abraýly adam gezip ýören bir ýetimçe-de bolmadymy? Hudaý diý, ýakaňa tüýkür. Seniň gyzyň eli ýag bilen bal tutar. Saňa ýene näme gerek?

— Mätnyýazyň bäş aýalynyň üstüne berer ýaly mende gyz ýok! Size-de beýdip oturmak aýyp bolar — diýip, Sapa gotur gönüläp aýtdy. — Gowusy siz ertir geliň-de Gülennam bilen Rozynyň nikasyny gyýyň.

— Maňa akyl öwretme! — diýip, molla gyzaryldy. — Meniň öz akylym kellämi ýaryp barýar...

Men şundan soň näme gürrüň edilendigini eşitmedim. Edil şu wagt tamyň ilersinden çykan Gülennam meni çagyrdy. Biz samanhana girdik.

— Öýde näme gürrüň edilýär?

Men eşiden zatlaryň hemmesini aýdyp berdim.

— Men şu gün toýa gitmedik bolsam gowy boljak ekeni...

— Gülennam, beýle diýme. Boljak işdir, sen gitseň-gitmeseň-de boljak iş bolardy. Ýöne weli, öz bagtsyzlygyma gynanýaryn. “Ýetimiň agzy aşa ýetse, burny ganar” diýenler çyn eken. Men biziň işimiz şu ýagdaýa gelip ýeter diýip hiç wagt pikir etmändim.

— Seniň gürleýşiň nähili? Heniz hiç zat bolanok. Hiç zat bolmaz hem! Kakam ol ýogyn selläni aldap hem goýberer.

Men gönimden geldim:

— Gülennam, ezizim, bu ýerde göwün aldap durasy iş ýok. Onuň üçin gel, pikir edeli: näme etmeli? Bu ýagdaýdan çykmak üçin nähili çäre görmeli? Ine, indi bize diňe şu soraglary çözmek işi galdy. Men kelläm dik bolsa, seni onuň eline bermerin.

— Men hem dirikäm-hä onuň eline düşmerin!

— Onda näme etmeli?

— Gaçaly!

— Nirä?

— Nirä bolanda näme? Şu dowzahdan gutulsak bolany-da.

— Bu gürrüň dogry gürrüň - diýip, men Gülennamy bagryma gysdym. Ýöne, nirä gaçarys?

Men bir salym pikir etdim-de, bu soragyma özüm jogap berdim.

— Hawa-da, nirä bolanda näme?! Uzak obalara gideris, bolmasa guma, çopanlaryň arasyna gaçarys. Nirä barsak-da taňry mymanyndan ýüz öwresleri ýok...

Ätiýäç üçin gerek-ýarak zatlary ýygnaşdyryp, taýýar bolup oturmagyny Gülennama tabşyrdym-da, samanhanadan çykdym. Çykan badyma sellesini taýzardyp, uly ýoldan tozan turzup barýan mollany gördüm. Sapa gotur meni ýanyna çagyrdy.

— Oglum, depämizden agyr bela indi. Sen biziň gürrüňimizi diňlediňmi?

— Hawa, Mollanyň öz akylynyň köpdügini aýdanyny eşitdim. Soňra näme gürrüň bolanyny bilmedim. Meniň işim çykdy.

— Ol  gahar edip, “başyňa geleniňi özüň çekersiň-dä...” diýip gitdi. Eger meniň diýenimi etseňiz, il ýatyp, it uklandan soň siz gaçyň. Şundan başga çykalga ýok.

Men utanybragada:

— Biz  hem Gülennam bilen şeýdeli diýip dilleşdik. Emma biz nirä gitsekkäk? Bardygeldi biz gidäýenimizde-de, Mätnyýaz sizi gaty horlar.

Sapa gotur bir salym ýere bakyp oturdy-da, şeýle diýdi:

— Siz onuň pikir etmejek ýerine gaçyň. Guma-çopanlaryň ýanyna gidiň. Iki gün ýöreseňiz Keýikgyran guýusyna bararsyňyz Ol ýerde meniň iň oňat gorýän bir çopanym bar. Onuň adyna Hudaýberen diýýärler. Eger kelläm dik bolsa men Halaçdaky garyndaşyma habar ederin. Keýikgyrandan meniň çagalarymy ýygnap al diýerin. Ol sizi Halaja alyp gaýdar. Nikaňyzy gyýdyrar. Bellisi bolýança, şol ýerde ýaşabermeli bolarsyňyz... Enesi bilen meni gaýgy etmäň. Gazap etse, türmä basdyrar. Biz hem dek ýatmarys. Horlugy-harlygy çeke-çeke gelýäris. Oňa indi öwrenişmeli däl.

Ýaşulynyň bu sözleri meni geň galdyrdy. Men mundan soňra ýol şaýyny tutup başladym. Sapa goturyň aýaly bolsa ýüzüni ýyrtyp, saçyny ýolup, bagryny paralaýardy. Sapa goturyň özide dek oturmady. Öýdäki gallany, gymmat bahaly zatlary ýere gömüp, bilinmez ýaly üstüne ders atdy. Garaz, biziň hemmämize iş tapyldy.

Gün batyp, garaňky düşdi. Şu garaňky hem biziň bagrymyza gara çekdi...

Rozy dymdy. Uludan demini aldy. Ýene-de suwa seretdi. Bu gezek ol köp wagtlap başyny götermän oturdy. Biz agras dymýardyk...

## XI

Rozy özüni dürsäp başyny ýerden göterende, gün batyp garaňky düşüpdi. Gaýygyň iki gözüniň ýagtysy biziň bäş-alty ädim öňümizden gaçyp barýardy. Biz özümizi onuň yzyndan kowup barýan ýaly durýardyk.

Rozy dowam etdi:

— Gün batyp, garaňky düşenden soň Mätnyýazyň tarapyndan iki atly geldi. Olaryň biri Sapar gotury çeträk çagyrdy-da:

— Baý aga, saňa ýarym gijä çenli puryja berýär. Horaz gygyranda, sen baryp öz razylygyňy berýändigini ýa-da bermeýändigini aýtmaly. Ýaşuly, maňa gulak salsaň-a işi ulaltma, soňy ýaman bolar. Gowusy häzir öz razylygyňy beräý. Biz baryp, ony begendireli — diýdi.

Sapa gotur ajy ýylgyrdy:

— Baý agaň maňa ýarym gijä çenli puryja berýän bolsa, sen näme beýle gyssanýarsyň? Ýa seniň-de bu işden belli bir derejede almytyň barmy? Ýarym gije baryp, özüm jogabyny bererin. Sen özüňi horlama! — diýdi.

Atlynyň gahary geldi:

— Garry, diliňi uzaldyberme! Gyzyňy gaçyraýsaň başyň ölümli, malyň talaňlydyr. Şuny ýatdan çykarma! — diýdi-de, atynyň böwrüne depdi. Onuň bilen bile gelen atly-da yzyna düşdi.

Uzakly gününi agyr hesretler bilen geçiren Sapa gotur atlylar ugrandan lampa özüni ýere goýberdi-de, uludan demini alyp, maňlaýyna ýumruklady:

— Häý, zamana, zamana! Heý biziň hem dadymyzyň eşidiljek pursaty gelermikä? — diýdi. Soňra ol maňa ýüzlenip, göwünlik berdi:

— Rozy, mert bol! Özümiň ýekeje çagamy saňa tabşyrýaryn, seni-de Hudaýa. Aç bolan ýeriňde aç, hor bolan ýeriňde hor bolar. Gülennam mertdir. Çagalarym bagtyňyz açylsyn. Sizi arkaýyn ugradyp, Mätnyýazyň ýanyna bararyn. Ony aldaryn. Ol ertire çenli hiç zat bilmez. Siz bolsaňyz ertire çenli köp ýol geçersiňiz — diýdi.

Gerek ýaragymyzy horjuna saldym. Horjuny gaňňanyň üstüne berkitdim. Gülennamy eşege mündürip, onuň ata-enesinden ak pata alyp, ýola düşdüm. Biz kowga garaşmaýardyk. Sebäbi Mätnyýaz heniz “bolýar” ýa-da “ýok” diýen jogaby almandy.

Biz uly ýol bilen gündogara ugradyk. Eýýämden ýuwaşja gürleşip, Gülennam ikimiz begenişýärdik. Ýöne, biziň begenjimiz doly manyly begenç däldi. Biz ýylgyryşsak- da içimiz dertden doludy. Garrylaryň ýagdaýy bizi howsala salýardy. Emma iş başga hili bolup çykdy. Biz özimiziň günümize aglamaly ekenimiz. Biziň ýolumyz uzak däl eken. Biz sada ekenimiz. Mätnyýaz beýle mekirlik eder diýip kellämize gelmeýärdi. Ol obadan çykyp gidýän ähli ýollarda eýýäm adam goýan eken. Obanyň gündogar çetindäki köprä ýetenimiz hem şoldy weli, köprüniň üstünde iki ýargly adam peýda boldy.

Ýaraglylaryň biri:

— Dur! Kim borsuňyz? — diýdi.

Men ony sesinden tanadym. Ol hälki, gün batansoň bize baryp, Sapa gotur bilen gaharlanyşyp gaýdan atlydy.

Meniň inim tikenekläp gitdi. Ähli ganym kelläme urdy.

— Ötegçi borus — diýip jogap berdim. Men öz sesimi anyk eşitdim, emma munuň öz sesimdigini tanamadym. Olar eýýäm bizi tanadylar.

Ýaraglylaryň biri eşegi saklady-da:

— Siz-ä tüýs bize gerek ötegçi ekeniňiz — diýip güldi. Men ylgap onuň alkymyna bardym-da:

— Eşegi goýber! — diýdim.

Ol ýene güldi:

— Bu ýetimiň sesi çasly çykýar-la...

Onýança men özümi onuň üstüne okladym. Gülennam böküp düşdi-de, maňa kömege geldi. Elindäki ýaragyny gaňryp aldym. Edil şu wagtyň özünde tüpeň sesi çykdy. Men özümden gitdim. Şundan soňra näme bolup, näme goýanyny bilmedim...

Birnäçe sagatdan soňmy ýa-da birnäçe günden soňmy, anyk bilemok, men huşuma geldim. Gözümi açjak bolýan, açylmaýar. Soňra elim bilen ýüzümi sypalap çykdym. Görsem gözüm açyk. Men garaňky zyndana oklanan ekenim. Nirede, nädip ýatandygymdan habarym ýokdy. Men diň salyp başladym. Daşardan ses-üýn çykmaýardy. Diňe meniň gapymyň golaýyndaky sygyr gäwüşeýärdi. Sermeläp gapyny tapdym. Näme etmeli? Bu zyndandan çykmaly, ölseň-de göreşip ölmeli.

Bosaganyň aşagyny köwüp başladym. Näçe işlänimi, näçe gazanymy bilemok. Sebäbi men bu wagt hiç zat bilemokdym. Diňe bu zyndandan çykmak umydy bilen ýaşaýardym. Ine, ýumruk sygar ýaly deşik açyldy. Ýene gazyp başladym. Birnäçe wagtdan soň ol deşik ýene ulaldy. Daň atyp gelýärdi. Ýene gazyp başladym. Göwrämiň ýarysy çykanda, hatara giden ak öýleriň birinden erkek adamyň aýylganç sesi çykdy. Bu näme boldugyka? Onýança gapy jarka açyldy. Öýüň içinden Gülennam saçyny tasadyp çykdy-da, hiç bir tarapa seretmän:

— Hoş, ezizim Rozy! Sag-aman gal! Indi menden saňa aýal bolmaz. Hoş, meniň mähribanym! — diýip, aýylganç gygyrdy.

Men hem:

— Gülennam, adyňa döneýin, men munda — diýip gygyrdym. Ol bir bada aýak saklajak ýaly etdi-de, ýene aýak aldygyna derýa kenaryna tarap ugrady. Men hem kä ýykylyp, kä sürşüp, kä emedekläp onuň yzyndan ylgadym. Ol eýýäm kenara bardy, köýnegini ýyrtdy, göz açyp-ýumasy salymda aýagyna daş baglady. Ol iň soňky gezek:

— Hoş, ezizim Rozy! — diýdi.

Men hem tüýs dälirän ýaly:

— Gülennam! Saklan! Saklan! Men barýançam saklan! — diýip gygyrdym. Ol meniň sesimi eşitdi. Maňa garap gujagyny açdy:

— Gelme, gelme! Men ýüzi garanyň ýanyna gelme! Mätnyýaz meniň namysyma degdi, özi-de eýýäm jan berendir! Hoş, Rozy! — diýdi. Belent raýyşdan özüni däli derýanyň gujagyna oklady...

Rozy dymdy. Biziň-de inimiz üşedýän ýaly bedenimiz sandyrady. Köp wagtlap hiç kimden ses çykmady. Rozy gözüni süpürdi.

Birnäçe wagt geçenden soň Rozy şeýle diýdi:

— Hawa, ýigitler, ondan bäri kyrk ýyl geçdi. Men şol ýyllaryň hemmesini derýada işläp geçirdim. Men şu kyrk ýylyň hemmesini Gülennam haçan suwuň ýüzüne çykarka, haýsy ýerden

çykarka — diýip garaşyp geçirdim. Şemal bolmasa, suwuň ýüzi bir tekiz dursa men gamlandym. Gülennam çykyp bilmez, suwuň aşagynda hopugar — diýip gorkdum. Emma ýel tursa, derýada gaý bolsa, Gülennam ägirt uly tolkunlaryň arasyndan ýalpyldap çykar diýen umyt mende gün-günden güýjedi. Men diňe şu umyt bilen ýaşadym. Häzir hem ýaşaýaryn...

Men öýlendim. Bäş çagam bar. Aýalymyň adyna Sona diýilýär. Emma men oňa öz ýanymdan Gülennam diýip at berdim. Ýöne men oňa-da, çagalaryma-da bu wakany aýdyp beremok, çaý haltamy görkezemok...

Biz ýene-de uzak wagt dymyşyp oturdyk. Birden ýel güýjedi. Derýada tolkun turup başlady. Tolkunlar biri-birine degip, güňleç ses etdi. Rozy başyny göterip, töwerege seretdi. Garaňkyda hiç zat görmedi. Öňe, gäminiň çyrasynyň düşýän ýerine gözledi. Gom-gom bolup gelýän tolkunlara seredip, şeýle diýdi:

— Belki häzir çykar...

Ýaşulynyň özi aýtmasa-da, men bir zady anykladym: onuň akylyna çalaja şikes ýeten eken...